**Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýaş nesliň sagdyn, bilimli we kämil terbiýelenmegi döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir. Çagalar bakja-bagy bolsa körpeleriň jemgyýetçilik durmuşyna ilkinji gadamlaryny ätýän, olaryň şahsyýet hökmünde kemala gelýän mukaddes mekanydyr. Sakarçäge etrabynyň 3-nji çagalar bakja-bagynyň işgärler topary hökmünde biz hem öňümizde duran jogapkärli wezipäni çuňňur duýýarys.**

Biziň çagalar bakja-bagymyzda bilim-terbiýeçilik işleri milli ýörelgelere we häzirki zaman pedagogikasynyň ösen usullaryna daýanýar. Çaganyň kalby ak kagyza meňzeýär; biz şol kagyzda watansöýüjiligiň, zähmetsöýerligiň we ynsanperwerligiň ilkinji setirlerini ýazýarys. Biziň esasy maksadymyz bakja-bagymyzda döwrebap şertleri döretmek bilen bir hatarda, her bir terbiýeçiniň döredijilikli işlemegine, her bir körpäniň ukybynyň açylmagyna goldaw bermekdir.

Biz meýilnamalaýyn geçirilýän sapaklarymyzda oýun usullaryny, sanly tehnologiýalary işjeň ulanýarys. Aýratyn hem, akyldar şahyrymyz Magtymguly Pyragynyň öwüt-nesihatlary, goşgy setirleri sapaklarda netijeli peýdalanylýar. Bu bolsa çagalaryň dünýägaraýşynyň giňemegine we ene dilimize bolan söýgüsiniň artmagyna ýardam edýär.

Maşgala bilen çagalar bagynyň arasyndaky jebislik hem biziň işimiziň aýrylmaz bölegidir. Ene-atalar bilen yzygiderli geçirilýän maslahatlar körpeleriň gylygyndaky we ukybyndaky üýtgeşmeleri dogry ugrukdyrmaga kömek edýär. Biziň bakja-bagymyzda terbiýelenýän körpeleriň bagtyýar gülküsiniň arkasynda uly zähmet, söýgi we jogapkärçilik ýatyr. Geljekde-de Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň ýaş nesil baradaky edýän taýsyz tagallalaryna mynasyp jogap berip, sagdyn we kämil nesilleri kemala getirmek ugrunda janaýaman zähmet çekeris.

**Ogulbagt HOJADURDYÝEWA,**
**Sakarçäge etrabynyň 3-nji çagalar bakja-bagynyň müdiri, KA-nyň agzasy.**

Все права защищены

save pdf date >>> 08.05.2026